

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**

**— HEMIŞELIK BITARAP DÖWLETIMIZIŇ PARAHATÇYLYK HEM-DE YNANYŞMAK ÝÖRELGELERINE ESASLANÝAN DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY UZAK MÖHLETLEÝIN MILLI MAKSATNAMALARYMYZY AMALA AŞYRMAK ÜÇIN HALKARA GIŇIŞLIKDE ZERUR BOLAN ÄHMIÝETLI MÜMKINÇILIKLERIŇ DÖREDILMEGINE GÖNÜKDIRILENDIR.**


# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2025 | Ýanwar | #1/36


## Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly

### bu şygar bizi ösüşiň täze belentliklerine çykarar

**Peder** ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow döwlet Baştutany wezipesine girişen gününden beýläk ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň ähli ugurlarynda düýpli özgertmeleri amala aşyrýar. Şonda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda ýola goýlan her bir ýyly onda amala aşyrmaly möhüm wezipeleri özünde şöhlelendirip, halkymyzy täzeden-täze üstünliklere atarýan çuňňur manyly şygarlar bilen atlandyrmagynyň möhüm ähmiýetiniň bardygyna ähmiýet bermek bilen, ýaňy gadam goýan täze 2025-nji ýylymyzy «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip atlandyrmagynyň ähmiýetiniň uludygy hemmelere mälimdir.

Ilki bilen, mukaddes Garaşsyzlygyň otuz ýyldan gowrak taryhynyň dürli döwürleriniň döwrebap atlandyrylandygy aýratyn ähmiýete eýedir. Şonda Garaşsyzlyk taryhynyň ilkinji döwrüniň (I döwür 1991-2006ý.) Berkarar döwletiň milli galkynyş döwri, Gahryman Arkadagymyz döwlet Baştutany wezipesine girişen badyna başlanan ikinji döwri (II döwür 2007-2012ý.) Täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwri, üçünji döwri (III döwür 2012-2022ý.) Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri, dördünji döwri bolsa (IV döwür – 2022-nji ýylyň fewralyndan bäri) Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri diýip atlandyrylandygyny bellemek gerek.

Gahryman Arkadagymyz 2007-nji ýylda döwlet Baştutany wezipesine girişmegi bilen, geçiş döwrüniň meseleleri doly çözülip, Garaşsyz ýurdumyzyň ösüşinde täze döwür başlandy. Şol döwri bolsa Gahryman Arkadagymyz Täze galkynyş we beýik özgertmeler döwri diýip atlandyran bolsa, onda 2012-nji ýylyň 24-nji fewralynda geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde halkymyzyň ösüşiň hil taýdan täze belentligine, ýagny Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüne gadam goýandygyny yglan etdi. Ine, şondan soňra her ýylda Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda halkymyzyň durmuşa geçirýän tutumly işleri ýurdumyzy belentden-belent derejelere çykaryp gelýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen halkymyzyň asyrlar boýy edip gelen arzuwyny «Berkarar döwlet istärin» diýen ölmez-ýitmez setirlerinde beýan eden beýik akyldarymyz Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygynyň uly dabaralara beslenen ýyly bolan 2014-nji ýylyň tutuş türki dilli döwletleriň çygrynda Magtymguly Pyragy ýyly diýlip atlandyrylmagy, mukaddes Garaşsyzlygy gorap saklamagyň we mundan beýläk-de berkitmegiň galkany bolup hyzmat edýän hemişelik Bitaraplygymyzyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmeginiň 20 ýyllygynyň bellenilýändigi mynasybetli 2015-nji ýylyň «Türkmenistan – Bitaraplygyň we parahatçylygyň ýurdy» ýyly, 2016-njy ýylyň «Mirasa sarpa goýmak, Watany özgertmek» ýyly, Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa Oýunlarynyň geçirilen ýylynyň 2017-nji ýylyň «Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy» ýyly diýlip, Beýik Ýüpek ýoluny XXI asyryň üýtgeşik taryhy şertlerinde täzeden dikeltmegiň hatyrasyna 2018-nji ýylyň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» ýyly diýlip, 2019-njy ýylyň «Türkmenistan – rowaçlygyň Watany» ýyly diýlip, 2020-nji ýylyň «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisinde Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul edilen «2021-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamasynyň kabul edilendigi nazarda tutulyp, 2021-nji ýylyň «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmegi, 2022-nji ýylyň «Halkyň Arkadagly zamanasy» diýip yglan edilmegi, 2023-nji ýylyň «Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar» ýyly diýlip yglan edilmegi şol ýyllarda durmuşa geçirilmeli tutumly işlerde uly üstünlikleri gazanmagyň ruhlandyryjysy bolup hyzmat etdi. Muny şol ýylyň ahyrynda ýurdumyzda ýokary guramaçylyk derejesinde geçirilen ýaşlar forumy hem-de bu ýylda olaryň gazanan üstünliklerini giňden açyp görkezen köpugurly sergi ýene-de bir gezek aýdyň subut etdi. Şol ýylda hormatly Prezidentimiziň watansöýüji ýaşlarymyzyň amala aşyran işlerini, gazanan üstünliklerini giňden beýan edýän «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly ajaýyp kitabyny peşgeş bermegi mundan bir ýyl öňki Täze ýyl baýramynyň öňüsyrasynda halkymyza uly sowgat bolandygyny aýratyn belläsimiz gelýär. Şonda gadam goýan täze, 2024-nji ýylymyzy, «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýip yglan edilmegi bolsa, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyraga goýulýan hormat-sarpadan nyşandyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa ornaşdyrýan beýik işleri bilen täze 2025-nji ýyla gadam goýduk.

Täze gadam goýan ýylymyz bolan 2025-nji ýyly bolsa hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi mynasybetli, 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip atlandyrmak barada Mejlisiň kararynyň taýýarlanylandygy aýdylyp, hormatly Prezidentimiziň garamagyna geljek ýylyň nyşany hem hödürlenildi. Hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň şygaryny «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek bilen, şeýle-de «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň giňden bellenilip geçiljekdigini, bu şanly sene mynasybetli ýurdumyzda we dünýä döwletlerinde birnäçe halkara çäreleri geçirmegiň meýilleşdirilýändigini, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» mynasybetli dabaralary we çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça Guramaçylyk döwlet toparynyň döredilendigini nygtamak bilen, bu topara Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ýolbaşçylyk etmeginiň maksadalaýyk boljakdygyny belledi hem-de «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» bilen baglanyşykly çäreleri ýokary derejede geçirmek üçin ähli tagallalaryň ediljekdigine hemmeleriň ünsüni çekdi.

Şeýlelikde, 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygary baýdak edinip, ösüşiň täze belentliklerine tarap uly ruhubelentlik bilen gadam goýup başladyk. Gadamyňyz batly, ähli tutumly işleriňiz rowaç bolsun, mähriban adamlar! Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri mundan beýläk hem rowaçlyklara beslensin!


**Atajan BURYNOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, professor.**

# Täzelikler

## Uniwersitetiň ylym bölüminiň esasy hünärmeni A.Buşmakiniň 90 ýaşy bellenildi




Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň ylym bölüminiň esasy hünärmeni, geologo-mineralogik ylymlarynyň kandidaty Anatoliý Buşmakiniň 90 ýaşynyň dolmagy mynasybetli «Ussatlar taryhyň kämil ýazary, mydam ussatdadyr döwrüň nazary» atly dabaraly çäre geçirildi. Oňa halypa alymyň şägirtleri, professor-mugallymlar, talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Dabarada ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň jogapkär sekretary, Türkmenistanyň Gahrymany, Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi Çynar Rüstemowa çykyş edip, A.Buşmakiniň uzak ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda geologiýa ylmynyň ösmegine uly goşant goşandygyny belledi hem-de alymy tüýs ýürekden gutlady. Alymyň ÝUNESKO-nyň tebigaty goramak bilen baglanyşykly maksatnamalaryny durmuşa geçirmekdäki tagallalary bellärliklidir. Ozal habar berlişi ýaly, ýakynda A.Buşmakin uniwersitetiň «Medeni miras: geçmişden geljege» ÝUNESKO kafedrasyna agzalyga kabul edildi.

Halypa alymy ýubileýi bilen uniwersitetiň ýolbaşçylar düzümi, köp ýyllaryň dowamynda bile zähmet çeken kärdeşleri, talyp ýaşlar mähirli gutladylar. Soňra A.Buşmakiniň özi çykyş edip, Berkarar döwletimizde ylym bilen meşgullanmak üçin döredilýän mümkinçilikler, Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen dikeldilen halypa-şägirtlik ýoly barada belledi. Şeýle-de gadyry bilinýän döwürde ýaşaýandygyna buýsanýandygyny aýdyp, Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Dabaranyň dowamynda A.Buşmakiniň köpýyllyk zähmet ýoly barada gürrüň berýän wideorolik görkezildi. Şeýle-de ýokary okuw mekdebimiziň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň höwesjeň talyplarynyň taýýarlan çykyşlaryna giň orun berildi.

## Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy Daşkentde geçirilen halkara okuw maslahata gatnaşdy




**9 — 11-nji ýanwarda** Beýik Britaniýanyň «Britan Geňeşi» edarasy tarapyndan Daşkent şäherindäki Özbegistanyň Döwlet dünýä dilleri uniwersitetinde «Merkezi Aziýada iňlis dilini öwrenmegi işjeňleşdirmek» atly halkara okuw maslahaty geçirildi. Okuw maslahatyna Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Özbegistanyň öňdebaryjy ýokary okuw mekdepleriniň 45-isiniň wekilleri, şeýle hem, iňlis dilini okatmak boýunça hünärmenleri gatnaşdylar.

Halkara okuw maslahatyna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis diliniň stilistikasy we grammatikasy kafedrasynyň mugallymy Gaýgysyz Döwletow hem gatnaşdy.

Halkara okuw maslahatynda iňlis dili mugallymlary taýýarlamak maksatnamasynyň çäginde mugallymlaryň hünärini üznüksiz kämilleşdirmek işine we refleksiw tejribäniň ähmiýetine aýratyn üns berildi.

Maslahatyň dowamynda mugallymçylyk işiniň ähli basgançaklarynda iňlis dili mugallymlaryny taýýarlamakdan başlap, olaryň bilim edaralarynda işlemäge başlaýan döwrüne çenli hünär derejesini üznüksiz kämilleşdirmek we öz işine baha bermek konsepsiýasyny girizmek, refleksiýany, refleksiw tejribäni hem-de refleksiw döwri ara alyp maslahatlaşmagy guramak ýaly meseleler boýunça pikir alyşyldy.

«Merkezi Aziýada iňlis dilini öwrenmegi işjeňleşdirmek» atly taslamasy refleksiýa boýunça işlenip taýýarlanan amaly materiallary we ýumuşlary öwrenmek hem-de olary özleşdirmek, «Iňlis dili mugallymlary taýýarlamak maksatnamalarynyň» nukdaýnazaryndan Türkmenistanda, Gazagystanda, Gyrgyzystanda we Täjigistanda mugallymlaryň hünär derejelerini üznüksiz ýokarlandyrmagyň ähmiýetini öwrenmek ýaly meseleler hem maslahatlaşyldy.

## «Magtymguly Pyragynyň şahyrana dünýäsi — parahatçylygyň belent owazy» atly aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresi geçirildi




**13-nji ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi mynasybetli «Magtymguly Pyragynyň şahyrana dünýäsi — parahatçylygyň belent owazy» atly aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresi geçirildi.

Onda uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň we talyplarynyň çykyşlaryna giň orun berlip, Magtymgulynyň dünýä, ahlak, ynsan, gözellik, söýgi hakynda gyzyldan gymmatly garaýyşlary bilen türkmen edebiýatyny, türkmen pelsepesini mazmun taýdan has-da baýlaşdyran hem-de kämilleşdiren akyldardygy nygtaldy.

Uniwersitetiň talyplary tarapyndan «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» edebi-sazly kompozisiýa, şahyryň goşgularyna döredilen birnäçe aýdymlar ýerine ýetirildi. Şonuň ýaly-da, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymçylary «Alkyş size, Arkadagly Gahryman Serdarymyz!», «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly aýdymlary aýtdylar.

Şeýle hem, wagyz-nesihat çäresinde TDP-niň agzalygyna kabul edilen mugallymlara we talyplara agzalyk şahadatnamalaryny gowşurmak dabarasy boldy.

Wagyz-nesihat çäre bilen ugurdaş türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň kitaplarynyň, uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň kitaplarynyň, Magtymgulynyň edebi mirasyny öwrenmek bilen baglanyşykly ýazan monografiýalarynyň, okuw gollanmalarynyň, şonuň ýaly-da, talyplar tarapyndan taýýarlanyp, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşini beýan edýän taslamalaryň sergisi guraldy.

Aýdym-sazly wagyz-nesihat çäresiniň ahyrynda ýurdumyzy ösüşiň täze belentliklerine tarap alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza we Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk sözleri aýdyldy.

## Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Kalmyk döwlet uniwersitetiniň arasynda wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi



**21-nji ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň we Russiýa Federasiýasynyň B.B.Gorodowikow adyndaky Kalmyk döwlet uniwersitetiniň ýolbaşçylarynyň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen bagly wideoaragatnaşyk arkaly duşuşyk geçirildi.

Kalmyk döwlet uniwersitetiniň rektorynyň wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji E.Mantaýewa iki döwletiň Baştutanlarynyň alyp barýan dost-doganlyk gatnaşyklarynyň esasynda häzirki wagtda rus-türkmen gatnaşyklarynyň ählitaraplaýyn belent derejelere ýetendigini belläp geçdi. Ol Kalmyk döwlet uniwersitetiniň taryhy we şu güni barada gürrüň berdi.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň okuw işleri boýunça prorektory D.Annaýew Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen uniwersitetiň dürli ýyllarda täze okuw binalarynyň açylandygy we Hormatly Prezidentimiziň döwlet Baştutanlygynda olaryň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilişi, şeýle hem, ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda alnyp barylýan işler we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygynyň ähmiýeti barada belläp geçdi.

Kalmyk döwlet uniwersitetiniň halkara hyzmatdaşlyk, hünär we goşmaça bilim boýunça prorektory O.Koniýewa Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen wekilçilik edýän ýokary okuw mekdebiniň hyzmatdaşlyk etmek hakynda belläp, ol ýokary okuw mekdepleriniň arasynda bilim maksatnamalar toruny, iki diplom maksatnamasyny, professor-mugallymlaryň we talyplaryň akademiki maksatnamasyny, dürli hünär dersleri boýunça modul çarçuwasynda leksiýalary okamak üçin daşary ýurtly mugallymlary çekmek, şeýle-de beýleki ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmegiň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.

Wideoaragatnaşyk arkaly geçirilen duşuşykda başga-da birnäçe çykyşlar bolup, bilim-ylym babatdaky meseleler boýunça pikir alşyldy.

## Beýik Britaniýanyň Westminster uniwersitetiniň wekilleri bilen duşuşyk geçirildi



**21-nji ýanwarda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň rektory bilen Beýik Britaniýanyň Westminster uniwersitetiniň professorlarynyň arasynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň başynda rektor O.Öwezsähedow, esasan, pedagog işgärleri taýýarlaýan Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryhy, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ylym-bilim babatynda alnyp barylýan işler barada gürrüň berdi, daşary ýurt dillerini öwretmek we öwrenmek bilen bagly işler Gahryman Arkadagymyzyň we Hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup durýandygyny nygtady. Hususan-da, bilim-terbiýeçilik edaralarynyň ähli basgançaklarynda daşary ýurt dillerini öwretmek boýunça giň gerimli işleriň ýola goýlandygy bellenildi. Uniwersitetde daşary ýurt dillerini okatmakda daşary ýurtly mugallymlaryň, hünärmenleriň hem işjeň çekilýändigi barada durlup geçildi.

Soňra Beýik Britaniýanyň Westminster uniwersitetiniň ylym we bilim alyş-çalyşygy işleri boýunça prorektoryň kömekçisi Endrýu Lin wekilçilik edýän ýokary okuw mekdebiniň taryhy barada gürrüň berip, uniwersitetde jemgyýetçilik, hukuk hem-de ynsanperwerlik ylymlary, binagärlik-gurluşyk, sungat we beýleki ugurlar boýunça hünärmenleriň taýýarlanylýandygyny belledi.

Beýik Britaniýanyň Westminster uniwersitetiniň ylmy gözleg işgäri, iňlis dili mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň doktory Anastasiýa Bezborodowa 2025-nji ýylyň 20-21-nji ýanwarynda Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde geçirilen umumy okuw sapaklaryna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis dili we edebiýaty hünäriniň talyplarynyň işjeň gatnaşandyklaryny hem-de olaryň iňlis dilini ýokary derejede bilýändiklerini nygtap geçdi.

Duşuşykda türkmen tarapy "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edilen 2025-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň guramagynda geçirilmegi meýilleşdirilýän halkara ylmy, ylmy-amaly maslahatlara Westminster uniwersitetiniň professor-mugallymlaryny işjeň gatnaşmaga çagyrdy.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# PYRAGYNYŇ EDEBI MIRASYNA ÝAPYLAN ŞA SERPAÝ




Kitap – adamyň iň ýakyn dosty. Çeper sözlerden binýat bolýan kitaplarda uly güýç bar. Şol güýç hem ynsana ruhy lezzet berip, ony kämillige atarýar.

Türkmen jemgyýetiniň sagdynlygy we kämilligi ugrunda bimöçber işleri durmuşa geçirýän hormatly Prezidentimiziň ajaýyp eserleri Watanymyzyň berkararlygynyň, halkymyzyň bagtyýarlygynyň ajaýyp çeşmeleri bolup durýar. Şöhratly taryhymyzy, bagtyýar şu günümizi we nurana geljegimizi bir sapaga düzýän bu eserler agzybir halkymyz tarapyndan çäksiz buýsanç duýgulary bilen garşylanýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň çeper sözüň ussady, döwürleriň we köňülleriň şahyry Magtymguly Pyragynyň döredijiliginden, onuň gaýtalanmajak edebi mirasyndan söz açýan «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly eseri ýollarymyza şamçyrag boljak, köňüllerimize nur saçjak ajaýyp gymmatlykdyr. Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen Magtymgulynyň döredijiligini öwrenmekde başlanan täze eýýamyň iň ähmiýetli wakalarynyň birine öwrülen bu eseriň üç dilde – türkmen, iňlis we rus dillerinde neşir edilmegi kitabyň giň okyjylar köpçüligi üçin niýetlenendigini ýene bir ýola görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabynyň başy akyldar şahyryň «Türkmeniň» atly goşgusy we Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim – paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly ajaýyp şygry bilen başlaýar. Kitap Pyragynyň döredijiligini öwrenmekde ýol görkeziji bolmak bilen onda akyldar şahyryň döredijiligine, Magtymgulynyň dünýä, ahlak, ynsan, gözellik, söýgi hakyndaky gyzyldan gymmatly garaýyşlaryna örän ýokary baha berilýär. Kitap «Magtymgula düşünmegiň açary», «Magtymguly Pyragy mekdebi we türkmen magtymgulyşynaslary», «Pähim-paýhas ummany», «Parahatçylygyň şahyry», «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň şahyry», «Halk ýadyndan aýrylma», «Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bilen bagly kabul edilen resminamalar, gutlaglar we çykyşlar», «Hakyň we hakykatyň ýolunda» atly bölümlerden ybarat bolup, olaryň her biri Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň dürli taraplaryny açyp görkezýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň täze kitabynyň «Magtymgula düşünmegiň açary» diýip atlandyrylan birinji bölüminde şahyryň eserlerine düşünmegiň ýollary we onuň döredijiliginiň çuňňur manysy barada gürrüň berilýär. «Hünärlilik, zähmetsöýerlik, janypkeşlik, maksada okgunlylyk, akýüreklilik ýaly duýgular, zähmete höweslendirýän pikirler şol setirleriň özenidir, şol bentleriň bezegidir. Şahyryň berýän öwüt-ündewleri bilen özümizi we ýaş nesilleri belent ahlaklylykda terbiýeläp bilýäris. Ýaşlary pederlerimizden miras galan milli häsiýetler, watançylyk ruhy esasynda terbiýelemek, olaryň il-ýurda, halka, Watana bolan söýgüsini gazanmak üçin Magtymguly Pyragynyň öwüt-ündewlerine berk eýermelidiris» diýmek bilen hormatly Prezidentimiz, üstünden üç asyr wagt geçendigine garamazdan Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň nesil terbiýesinde, ýaşlary watansöýüjilik, zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelemekde gymmatly eserler bolup durýandygyny çeper beýan edýär. Gahryman Arkadagymyzyň akyldar şahyryň döredijiligine bagyşlan eserleri, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy», «Änew – müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitaplarynda Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyna bagyşlanan setirlere salgylanmak bilen, Hormatly Prezidentimiz Anna agadan, Berdimuhamet Annaýewden, Mälikguly Berdimuhamedowdan, Gahryman Arkadagymyzdan dowam edip gelen Magtymguly Pyragyny öwrenmek boýunça nusgalyk mekdebi dowam etdirýär we döwürleri baglanyşdyrýan bu milli mirasa täzeçil kesgitlemeler berýär. Hormatly Prezidentimiziň Magtymgula düşünmegiň açarynyň halka bolan hormat-sylag, mähir-söýgi bilen berk baglydygy baradaky buýsançly sözleri her bir okyjyda milli buýsanjy has-da artdyrýar.

Kitabyň «Magtymguly Pyragy mekdebi we türkmen magtymgulyşynaslary» atly bölüminde Magtymgulynyň döredijilik mekdebi we onuň yzyna eýeren türkmen alymlary barada maglumat berilýär. XVIII asyrda kemala gelen Magtymguly Pyragy mekdebi, Magtymgulynyň özünden soňky şahyrlar üçin ylham çeşmesi bolup durandygy barada bellemek bilen hormatly Prezidentimiz bu mekdebiň taryhy kökleri hakynda hem anyk maglumatlary getirýär. Bu bölümde magtymgulyşynas alymlaryň Pyragynyň edebi we ebedi mirasyny öwrenmekde bitiren hyzmatlary, Gahryman Arkadagymyzyň döredijiliginde akyldar şahyryň eserlerine goýulýan belent sarpa barada giňişleýin söhbet edilýär.

«Pähim-paýhas ummany» diýip atlandyrylan bölüm şahyryň paýhasly setirleriniň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň Magtymguly Pyragy, onuň döredijiligi baradaky çuň paýhasa ýugrulan setirleriniň many-mazmunyna we olaryň häzirki döwürdäki ähmiýetine bagyşlanýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Alym Arkadagymyzyň başda durmagynda Pyragynyň döredijiligini öwrenmekde, onuň paýhasyny dünýä ýaýmakda, golýazma nusgalaryny toplap, äleme ýaýmakda ägirt uly mümkinçilikler döredildi. Alnyp barlan işleriň netijesinde, Magtymgulynyň edebi mirasy bütin älemde uly meşhurlyga eýe boldy. Gahryman Arkadagymyzyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly goşgusynyň setirleri bu bölümiň içinden eriş-argaş bolup geçýär.

Hormatly Prezidentimiziň täze kitaby Magtymgulynyň dünýäsiniň täzeden açylmagydyr we Pyragynyň pähim-paýhas ummanynyň häzirki zamanda ähmiýetiniň barha ýokarlanýandygynyň subutnamasydyr. Magtymgulynyň şygyrlary kemsiz gözellikdir. Şol gözellikler barada söz açýan Hormatly Prezidentimiziň taýsyz eseri Magtymguly Pyragyny gaýyplardan bara dolaýar diýsek, hakykatdan daş düşmeris. Munuň şeýledigine kitabyň «Parahatçylygyň şahyry» atly bölümini okanyňda hem aýdyň göz ýetirmek bolýar. «Magtymguly Pyragy hemişe Watanyň azat-asudalygy, geljek günleriň rahatlygy hakyndaky oý-pikirler bilen ýaşapdyr» diýen sözler bilen Hormatly Prezidentimiz parahatçylygy ähli zatdan ýokarda görýän türkmen halkynyň milli şahyrynyň döredijiliginiň özeninden söhbet edýär. Magtymguly Pyragynyň watansöýüjilik, birek-birege hormat goýmak, halklaryň dostlugy baradaky gymmatly setirleri häzirki wagtda halkara gatnaşyklarynda wajyp meseleleri çözmekde döwletimiziň öňe süren «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly ýörelgeleriň esasyny düzýär.

«Pähim paýhasy ummany Magtymguly Pyragy» şygary bilen geçen 2024-nji ýylyň esasy wakasy – «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumynda çykyş eden döwlet Baştutanlary, halkara guramalaryň ýolbaşçylary we wekilleri hem Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň häzirki zamanyň derwaýys meselelerini çözmekde örän ähmiýetlidigi barada durup geçdiler.

Parahatçylyk üçin ynanyşmak, ynanyşmak üçin düşünişmek, düşünişmek üçin düşünmek gerekdir. Magtymgula düşünmek parahatçylyga ýetmegiň guralydyr. Şu jähtden ugur alsak, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň dabaraly bellenen ýylynyň yzyndan gelen 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip atlandyrylmagy ýyllaryň özara baglanyşygyny we simwoliki dowamlylygyny üpjün edýär.

Kitabyň «Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy bilen bagly kabul edilen resminamalar, gutlaglar we çykyşlar» atly bölümi 2024-nji ýylyň möhüm ähmiýetli wakalaryna, ýubileý ýylyň uly dabara beslenip geçen çärelerine we kabul edilen resminamalara bagyşlanýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda nusgawy şahyrymyzyň döredijiligini hemmetaraplaýyn öwrenip, onuň edebi mirasyny dünýä ýaýmaga saldamly goşant goşan watandaşlarymyz, daşary ýurt raýatlary döwlet sylaglary bilen sylaglanýarlar. Kitapda degişli kararlaryň ýerleşdirilmegi, magtymgulyşynas alymlaryň zähmetine goýulýan sarpanyň aýdyň subutnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitaby biz – mugallymlar üçin her bir ädimde gollanma boljak gymmatly eserdir. Çünki bu kitap Watanymyzy mundan beýläk gülläp ösdürjek ýaş nesilleri kemala getirmek, dünýä akyl ýetirmek, jemgyýetde özüňi tapmak barada çuň pähim-paýhasa ýugrulan filosofiki garaýyşlary öz içine alýar.

Halkyna şeýle ajaýyp sowgatlary serpaý edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, döwet galamly gollarynda, jöwher paýhaslaryndan döreýän şeýle eserleriň höwri köp bolsun!

**Rahym SAPARMYRADOW,**
**zoologiýa kafedrasynyň mugallymy.**

# Žurnalistiň ýol ýazgylaryndan

**(Başlangyjy gazetiň geçen sanynda).**

**Hindistanyň** paýtagty Deli şäheriniň aeroportunda uçardan düşen mahalym, ozaly bilen, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen Türkmenistanyň dünýäni özi üçin açýandygy we eziz Diýarymyzyň özüni dünýä üçin açýandygy baradaky ýakymly pikir boldy we döredilen şeýle mümkinçilik üçin ajaýyp täzelenişler döwrüne ak pata beren Milli Liderimize ýene-de bir gezek minnetdar boldum. Köpsanly daşary ýurt žurnalistleriniň çagyrylmagyndaky halkara derejesinde geçirilýän şeýle iri ykdysady çärä gatnaşmak bagty miýesser eden ilkinji türkmen žurnalisti bolmagym hem ähtimaldyr.

Serginiň işi bilen, hünärmenleriň özleri bilen tanyşmakda, pikir alyşmakda... maňa dilmaçlyk kömegini beren hindi ýigidi Suraç hezil berdi. Deli şäheri dünýäniň ähli yklymlaryndan gelen žurnalistleri özüniň yssy mähri bilen garşy alypdy. Dürli dillerde gepleşýändigimize, döwlet we jemgyýetçilik ösüşleriniň dürli basgançaklaryna degişli ýurtlardan gelen adamlardygymyza garamazdan, ol gün howruna baý ýurtda bolan alty günümiziň ilkinji sagatlaryndan özara ysnyşyp gitmegimize hiç hili böwet- päsgelçilik bolmady.

Daşary ýurtly žurnalistler bilen guramaçylyk babada bile işleşen hindi zenany hanym Sunikanyň hoşgylawlygy, mähirliligi, mylaýym häsiýeti biziň hemmämizde ýakymly täsir galdyrdy.

Botswanadan gelen garaýagyzdan dolmaç bälçik ýigit Martin Çibandany hem, (onuň mahal-mahal öz ýurdunyň adyny tutup, ýognas sesi bilen «Botswana» diýip gygyryp goýbermesi, bizde ýakymly degişme duýgusuny döredýärdi, ol derrew özüni aldyrdy). Trinidad & Tobago ýurdundan gelen garaýagyz dolmaç žurnalist zenan Seeta Persad hem, işilen ýaly buýra kelte saçly garaýagyz zenan hem, biçak beýik jaýlaryň we ylmy tehniki ösüşleriň merkezi bolan ABŞ-dan, Malaýziýadan gelenler hem, germaniýaly, italiýaly žurnalistler hem, meksikaly Salmeron Arrouo Kristinanyň aýdyşy ýaly, hindi hakykaty, onuň özboluşly, özgeleriňkä meňzemeýän häsiýeti bendi edipdi. Köçeleriň ugrunda şäheriň awtomotosiklerinden, welosipedlerinden ýaňa hyň berýän ýollaryň ugrundaky äwmezek sygyrlar, bagdan baga böküşip ýören maýmynlar, maşynlaryň säginen ýerinde dessine peýda bolýan eli haltaly hindileriň onuň milli guralda çalýan sazynyň owazyna maýyl bolup, emaýlyk bilen şol haltadan çykýan ýylanlar haýran galdyrýardy. Bag-bakjalyklaryň arasynda, kölleriň kenarynda sürlenişip ýören sygyr sürüleri bolsa bu jelagaýlarda adaty ýagdaýdy.

### «MAÝMYNLAR BILEN OÝUN EDÄÝMELI DÄL»

— Biziň maýmynlarymyz örän täsindir. Olar adamyň eden her bir herketlerine öýkünip, gaýtalap oturandyrlar— diýip, Suraç özi bilen ýakynda bolup geçen wakany-da gürrüň berdi. Ol bir gün bir maýmyn bilen henek atyşypdyr. Suraç maýmynyň kellesini sypalapdyr, maýmyn hem şol hereketi bolşy ýaly gaýtalapdyr. Ol maýmynyň eline, arkasyna çalarak kakypdyr, Maýmyn–da şeýdipdir. Ol onuň gulak çekgesine çalaja el ýetiripdir. Maýmyn hem şol hereketi gaýtalapdyr, ýöne maýmynyň şarpygy onuňkydan has güýçlüräk bolup, gözünden ýalpa ot çykan Suraç wakanyň soňuny gürrüň bermegi hökman hasap etmedi-de, çalaja ýylgyryp, gulagynyň düýbüni sypalap oňaýdy.

Daşary ýurtly kärdeşlerimiz Türkmenistanda adam hakynda edilýän aladalar, şol sanda, jemgyýetçilik ulagynyň, kommunal hojalyk tölegleriniň nyrhlarynyň mugtuň bäri ýanydygy barada, aýdanymda haýran galdylar. Çiliniň paýtagty Santýago şäherinden gelen žurnalist zenan Silwana Beatris bolsa, geň galmakdan ýaňa: «Siziň döwletiňiziň jemgyýetçilik gurluşy nähili, kommunizmi?!» diýip hem sorady. Türkmenistanyň hiç hili «izmsiz», «Döwlet adam üçindir» diýen syýasat esasynda ýurduň ilatyny iň gymmatly baýlyk hasaplaýan we olaryň eşretli durmuşyny üpjün etmegi baş maksat hasaplaýan Garaşsyz, baky Bitarap döwletdigini aýdanymda, ol eşiden kanagatlanarly jogaby üçin hoşallyk bilen minnetdarlyk bildirdi.

Kolumbiýaly kärdeş zenanymyz Olga Morales Burgosyň ýol ugrunda gabat gelýän ýekeje del, geň- enaýy zady hem gözden salmajak bolup, arman-ýadaman wideo-ýazga düşürişi, ýazyp alşy, özbegistanly fotosuratçy Anastasiýa Şadyýewanyň bar küý-köşesini elindäki fotoapparatyna berip, hindi täsinliklerininiň birinem ünsden düşürmän, ýetişibildiginden , fotosurata düşürişini synlamak hem gyzyklydy.

Belarusly Wladimir Baraniç iňlis diline suwara bolansoň, onuň ýanynda kärdeşlerimiz bilen söhbetdeş bolmakda hiç hili müşgüllik ýokdy, galyberse-de, ol dünýäniň birentek ýurtlaryna hem baryp görensoň, gürrüň berere hem zady az däl eken. Şonuň üçin onuň bolup gören dürli ýurtlarynyň aýratynlyklary barada berýän gürrüňlerine kärdeşlerimiziň hiç biri-de biparh däldi. Wladimiriň biziň Garaşsyz ýurdumyzda bolup geçýän täze milli galkynyşlar zamanamyzdaky özgerişlikler bilen hem tanyşdygyny eşitmek ýakymly boldy.Ol Türkmenistanda gysga wagtyň içinde bolup geçýän şeýle giň göwrümli özgertmeleriň haýran galdyrýandygyny aýtdy. Hormatly Ýurdumyzda döredijilik işgärleriniň hemmetaraplaýyn goldanylýandygy, hususan-da, «Türkmeniň Altyn asyry» bäsleşigi, onuň ýeňijileriniň bolsa şa serpaýyny almaga mynasyp bolýandygy we başgalar barada aýdanlarymy hem ol örän haýran galyp diňledi.

### TÄÇMAHAL

«Hindistanda bolup, Täçmahala baryp görmezlik žurnaliste gelişjek zat däldir» diýip ýoldaşlarymyzyň biri aýtdy we hökman Agra şäherine syýahata gitmegi teklip etdi. Hanym Sunikanyň tagallalary bilen, şol günüň ertesi, ajaýyp güýz gününiň säher çaglary biz gadymy ýadygärlikleriň mekanyna sary ýola düşdük.

## Türkmen üçin dünýä açylýar, dünýä üçin türkmen açylýar




Dünýäniň sekiz sany täsinliginiň biri hasaplanylýan Täçmahala birnäçe ýyl ozal baryp görmek bagty miýesser eden-de bolsa, ýagşyny görmek-jennet” diýlişi ýaly, gözelligiň nemunasy bolup duran ol geň-enaýy ymaraty ilkinji sapar görýän ýaly, ýene-de uly höwes bilen synladyk.

Hindistanyň meşhur syýahatçylyk merkezleriniň biri bolup durýan Agra şäherinde ýerleşýän owazasy älem - jahana dolan Täçmahal barada gürrüň bermek ýakymly duýgulary döredýär.

Agranyň iňňän gadymy taryhynyň bolşy ýaly, onuň örän gadymy we täsin ýadygärliklere hem baýdygyny aýtmak gerek. Ýagşyny görmek bagty miýesser eden-de bolsa, ýagşyny görmek –jennet diýlişi ýaly, daşary ýurtly kärdeşlerimiziň Hindistanda bolup, Täçmahala baryp görmezlik aýyp diýen pikiri bilen biz- žurnalistleriň ählisi doly ylalaşdyk.

Agra şäheri ozallardan bäri Täçmahalyň şäheri hökmünde mälimdir . Haýbatly Täçmahal Beýik Mogollar hökümdarlygy eýýamynda bina edilen gaýry arhitektura ýadygärliklerinden özüniň belentligi, gözelligi bilen has tapawutlanýar. Täçmahal binagärlik ýadygärligi ýöne ýere dünýäniň sekiz sany iňňän täsinlikleriniň biri hasaplanylmaýar. Hatda, köpsanly patyşalaryň we imperatorlaryň müňýyllyk paýtagty Deli şäheri hem Beýik mogollaryň altyn asyryndan miras galan baý binagärlik we medeni ýadygärlikleri babatda Agra şäheri bilen bäsleşmekden asgyn gelýändigini bu ýerde gürrüň berýärler. Dünýäniň çar künjünden Täçmahaly görmäge gelýänleriň sany-sajagy ýok.

Söýginiň ýadygärligi hasaplanylýan Täçmahal Ýamunanyň kenarynda leýlisaçlar gurşap alan seýilgäniň gujagynda ýerleşmek bilen, onuň howalanyp duran ajaýyp keşbi suwly zerhowzuň aýna ýaly tekiz ýüzüne ýalkym saçyp dur. Aý ýşygynyň ýagtysyna mermer eýwanyň gapdaly bir täsin lowurdaýar. Daň şapagynyň ýiti şöhlesine gülgün reňk bilen ýalkym saçýar we ýaşyp barýan Günüň nuruna mylaýym öwüşgin atýar.

Täçmahalyň ölmez- ýitmez gözelligi häli- häzirem döredijilik adamlary üçin ylham çeşmesi bolup hyzmat etse, onuň aý-aýdyň gijeleri birnäçe asyr mundan ozalkylary ýaly, aşyk- magşuklar üçin iň bir arzyly ýerdir.

Şahjahan patyşa Täçmahaly on dördünji çagasy doglan mahaly ýaş üstünde ýogalan aýaly Mumtaz Mahalyň belent hatyrasyna gurdurypdyr. Ol dünýäde iň ajaýyp binany gurdurmak üçin baýlygyny gaýgyrmandyr. Iň ökde ussalar ak mermer we gyzyl çäge dänesi, kümüş we altyn, aý daşy we nitrit (azot kislotasyndaky duz), lazur-mawy we merjen daşy ýaly iň gowy materiallary patyşanyň arzuwyny durmuşa geçirmek maksady bilen ussatlarça ulanylypdyr. Baky söýginiň memorialyny gurmak üçin 22 ýyl gerek bolupdyr, şol ýerde Şahjahanyň özi-de ölenden soň şol ýerde aram tapyp, söýgülisi bilen gowşupmyşyn.

„Täçmahal” bagyň demirgazyk gyrasynda pars äheňinde arasyna daş düşelen howuzlaryň hatar gurap oturan serwi agaçlarynyň arasynda ýerleşendir. Onuň minaralaryň dördüsi bilen gurşalyp alnan äpet ak mermer eýwany we ajaýyp görnüşli goşa gümmezi gyzyl gum daşyndan ybarat binýadyň üstünde durandyr. Onuň içinde şa aýalynyň gymmat bahaly daşlar bilen gazma nagyşlanan mazary , onuň edil gapdalynda bolsa patyşanyň baý bezelen tabydy ýerleşdirilen. Olary bu ýere gelýänlerden sekizburç gözenek mermer diwar penalaýar. Täçmahalyň gurluşygynyň proporsiýasy şeýle bir kämil, bezelişi şeýle bir inçe welin, göýä ony äpet uly adamlar guranmyşynlar, zergärler bezänmişinler diýip il arasynda rowaýatlar ýaýrapdyr...

Bu Gündogaryň öçmejek ýyldyzynyň öňünde ýadygärlik üçin surata düşmek baradaky malaziýaly žurnalist Pang Ýon Hingiň teklibini Meksikadan gelen Kriçtina Salmerondyr zimbabweli Wiktoriýa Tapfumaneui hem dessine goldadylar, biziň hemmämizem bu pikire göwünjeň goşulyşdyk.

... Hawa, häzirki wagtda täze döwrümiziň iň guwandyryjy häsiýetli taraplarynyň biriniň alnyp barylýan hoşniýetli, dostana daşary syýasat netijesinde Türkmenistanyň dünýäni açýanlygy we dünýäniň bolsa Türkmenistany açýanlygydyr diýip buýsanç bilen aýtmak bolar.

***

Hindi dostlarymyz bilen hoşlaşan mahalymyz, siziň näme arzuwyňyz bar diýen sowal orta atylanda, biz biragyzdan :„ Täsinlikler ýurdy bolan gözel Hindistana ýene-de gelip görmek” diýip jogap berdik.

**(Soňy).**

**Agamyrat MÄMMEDOW,
žurnalistika kafedrasynyň
uly mugallymy.**

## Ýaş terjimeçiden




Bir wagtlar zenan hökümdar tarapyndan dolandyrylýan ýurt bardy. Halk bu ýurtda bagtly, bolelinlikde ömür sürýärdiler. Şonuň üçin ilat öz melikelerinden müňdebir razydylar. Çünki bu ýaş we gözel şa zenanyň ýurdunyň raýatlaryny bagtly etmekden başga aladasy ýokdy. Köşgünde oturyp özüne ýar boljak şazadalara garaşmagyň deregine gyş diýmän, ýaz diýmän ýurdunyň çar tarapyna aýlanyp raýatlaryň dert-aladalary bilen gyzyklanyp, gözünde gussa halynda durgunlyk gören adamlarynyň derdini deň çekişerdi. Işläp bilmän garyp galanlara hazynasy, dermansyz derde duşanlara ýüregi hemişe açyk bolardy. Ýurduň dürli ýerlerine goýlan häkimleriň baş wezipesi öz çäklerinde ýaşaýan halkyň öz durmuşyndan närazy bolmazlygyny gazanmak bolupdyr. Muňa öz güýçleri ýetmese, derhal melikelerine çapar ýollap kömege çagyrypdyrlar. Ol bolsa bar işini bir ýana goýup, şol ýere ýetişerdi. Şonuň üçin ýurtda bagtsyz ynsan ýokdy.

Ýöne günlerde bir gün köşgüň derwezesiniň öňünde ýaş derwüş peýda boldy. Ertirden agşama çenli şol ýerde hiç zat gürlemän oturýan derwüş Gün ýaşyp, töwerek garalyp başlanda bir ýerlere ýitirim bolardy. Goňras sakal örten ýüzünde birhili düşnüksiz gussa, gara gözleriniň çuňluklarynda içiňden geçip gelýän şeýle bir sowuk bir bakyş bardy welin ýoldan geçenler onuň öňüne bürünç ýa kümüş teňňeleri oklamakdan çekinip, ýere sessizlik bilen altyn teňňelerini goýup ýoluna dowam ederdiler.

Hemişeki syýahatlarynyň birinden gaýdyp gelýän şa zenan köşgüniň öňündäki bu geň derwüşe seredeninde onuň gözlerine gözi düşüp ýanyndaky baş wezirine:

— Bu adamyň bir derdi bar, hany, soraň! diýip buýurdy.

Baş wezir derrew ýanyna baryp, ( bu ýurtda bir söz bilenem bolsa adamyň göwnüne degmek gadagandy) mylaýym ses bilen:

— Derwüş, seniň daşky görnüşiň, gözleriň gamly görünýär, içiňde gizlän bir derdiň barmy? — diýip sorady

Derwüş ýüzüni ýere salyp: — Ýok! — diýip jogap berdi

— Onda näme üçin ýüzüň gülmeýär?! Günuzyn şu ýerde ýüzüň salyk durýarsyň? Sen bilýänsiň, melikämiz öz ýurdunda bagtsyz adam bolmagyny islemeýär. Eger biri dertli bolsa melikämiz özüni birahat duýýar. Şonuň üçin islegiň näme bolsa aýt, alajyny tapaly.

Derwüş: — Dert aladam ýok, melikäňiz gyýylmasyn — diýdi

Baş wezir bu gürrüňleri aýdyp: — Bilmedim welin, hanym, onuň ýuwaş we dertli sesi , ajy ýylgyryşy bardy — diýip, sözüni tamamlady.

Melike: — Bolup bilmez, onuň bir derdiniň bardygy köre hasa görnüp dur.Nähili ajy ýylgyrýandygyny men köşgüň penjiresinden gördüm. Belki, onuň derdi aýdardan has agyrdyr. Men halkyň birahat edilmegini islemeýärin, degmäň , duran ýerinde dursun. Ýöne şu gün agşam Gün ýaşandan soň yzyna düşüň. Agyr ýatan hassasy barmy ýa elindäkä şükür etmeýän ýoldaşy barmy, bilip geliň — diýip buýurdy.

Derwüş ol agşamam öňüne üşen altynlary ýygnap, ala garaňka gark bolan köçelerden ýöräp ugrady. Ýöräp-ýöräp şäheriň çetki köçelerine ýetende gysym-gysym altynlary torbasyndan çykaryp bu ýerdäki ýagdaýlary beýlekilere görä el-halyrak garyndaşlaryna paýlap çykdy. Soňra şäheriň çetindäki daş külbä girdi. Çorbasyny gaýnadyp, arkasyny tama berip oturdy. Asmanda iň soňky ýyldyz söneninden, daň agarýança külbäniň penjiresinden içerini synlap oturan baş wezir onuň ýatyp galandygyna ýa pikir edip oturandygyna düşünip bilmedi.

Bu wakany eşiden melike has beter gussa batdy. «Ülkämde dertli bir adam bar we men onuň derdine derman bolup bilmeýärin» diýen pikir ony halys gününe goýmaýardy. Birini zorlamagyň, biriniň işine-durmuşyna goşulyp olary howsala salmagyň öz etjek işi däldigini bilýändigi üçin Melike derwüşiň köşgüň gapysynda durmagyna ýagşydan-ýamandan hiç zat diýmedi. Ýöne onuň gün-günden saralypsolup barýanyny, gözleriniň öňküsinden has içine gidendigini gördügiçe özem onuň bilen deň dert çekýärdi. Indi ol uzak gün penjiräniň öňünden aýrylman ýuka perdäniň aňyrsyndan derwüşi synlap oturýardy.

— Ony bu hala düşüren dert nämekä? — diýen pikir melikäniň ýüregine ot salýardy.

Bir gün ýene penjireden garap otyrka derwüşiň gara, çuň gözleri penjirä düşdi. Bu gözlerdäki soňsuz hasratyň manysyny syzan melike derrew baş wezirini çagyryp:

— Derwüşi köşge, meniň ýanyma getiriň, onuň derdini özüm — sorajak! — diýip buýruk berdi.

Derwüş getirilip melikäniň huzuryna çykarylanda büs-bütin saralypdy. Gözüni ýerden galdyryp bilmän duran derwüşden derdi soralanda eşidiler-eşidilmez bir ses bilen:

— Hiç derdim-dilegim ýok — diýip jogap berdi. Ýöne melike bu gysga jogap bilen kanagatlanman ýakymly ses bilen özelenip:

— Derwüş o nähili bolýar?! — diýdi. — Adamynyň içini ýa ýüregini dälmi bir dert iýmese ýüzi beýle solup, gözleri şeýle doňarmy?! Belki, göwnüňdäki dileg seniň üçin has beýik, ýetlilmesi kyn zat ýaly görünýändigi üçin aýdyp bilýän dälsiň?! Ýöne meniň öz ýurdumyň raýatlaryny bagtly görmekden başga arzuwym ýok. Şonuň üçin, hany, sen çekinme-de näme isleýän bolsaň aýt. Islegiň tükenmez mal-mülkmi? Her gün öňüňe üýşen altyn teňňelerini az görüp ile paýlaýaňmy? Eger şeýle bolsa, aýt, saňa tükenmez baýlygymyň ýarysyny, ýok tutuşlygyna bereýin.

Derwüş başyny ýerden galdyrman ýralap jogap berdi :

— Ýok, melikäm, meniň mal-mülk derdim ýok.

Melike derwüşiň gussaly gözlerine seredip ýene sorag berdi:

— Ýa bir naçaryň dolandyrýan döwletinde ýaşamak saňa agyr degýärmi? Özüň tagta geçmek meýliň barmy? Şeýle bolsa, başyna geçen döwletiňi mençe, belki, menden has adalatly dolandyrjakdygyňa men ynanýaryn. Aýt, ýurdumyň ýarysyny, ýok, tutuş patyşalygymy saňa bereýin.

Derwüş başyny galdyrypdy, ýöne ýene gözlerini ýere dikip jogap berdi:

— Ýok, melikäm, meniň ýurt edara etmek derdim ýok.

Melike tagtyndan turup bir ädim ýöredi-de, solgun dodaklary bilen:

— Onda näme isleýäň, derwüş? — diýdi

— Juwan ýaşyň, görküň-görmegiň bar. Gözleriňde doýmadyk küýsegiň ody görünýär. Özüňe mynasyp ýar tapmadyňmy?

Ülkäniň iň gözel gyzlary meniň köşgümde, Bir söz bilen hemmesini öňüňde häzir edeýin. Isläniňi, ýok, hemmesini al! — diýdi

Bu sözden soň derwüş gözlerini galdyryp soňsuz gussa bilen melikäniň ýüzüne seredipseredip ahyrynda sandyrdyly ses bilen zordan:

— Ýok, melikäm sandyraýan bolsa, ýok — diýip bildi. Ondan soňky sözleriň barysy onuň bokurdagynda düwlüp galdy.

Şonda melike derwüşiň ýüzüne uzyn-uzyn seredip durdy. Seretdigiçe-de soluk ýaňaklary al öwsüp, reňksiz dodaklaryna gyrmyzylyk çaýylýardy. Derwüşiňem ýüzüne reňk gelip, gözleri ot bolup ýanýardy.

Bu gezek gözel melike ýüzüni sallap, çala titreýän ses bilen:

— Düşündim, derwüş — diýdi. — Içiňi ýakan derde, ýüregiňi gaplan hasrata düşündim. Näme isleýäniňi aýt, şolam seňki bolsun!

Bu sözi eşidenden soň derwüşiň ýüzi ýene saraldy, soňra ýene gyzardy. Birnäçe gezek bir zatlar aýtmaga synanyşdy, olam başartmansoň ýürekden bir «Ahhh» çekip , duran ýerinde ýykyldy.

Töwerekden daşyna üşen wezir-wekiller onuň ölendigini bildiler. Derwüşiň ýüzünde diňe düşündirip bolmajak seretdigiňçe ýüzüňi ýagtyldýan bagtyýarlyk alamaty bardy. Baş wezir başyny gussaly ýaýkap:

— Nähili bagtsyz adam, edil myradyna ýetäýmeli wagty bu dünýä bilen hoşlaşdy — diýdi.

Gözlerini derwüşden aýyrman duran melike: — Ýuwaş! — diýdi.

— Asyl şundan bagtly adam barmy? Aslynda ömürboýy hasratyny çeken zadyna gowşan däl-de, şol bagta ýetendigini bilip, bagtynyň iň ýokarky nokadynda bir «ah» çekip, ömrüni tamamlamak bagtyň iň beýigi dälmi?!

**Türk dilinden terjime eden**
**İlmyrat BABAÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň III ýyl talyby.**



# Talyp kalbynyň joşguny

### ŞÖHLE

Garaňkylyk gatlyşyp,
Gözüm gamaşan çagy,
Men şeyle bir küýseýän,
Däldireýän şemaly.
Şemdanlar boş galypdyr,
Gutarypdyr şem damyp.
Adam kän zat ýatlaýar,
Sessiz galanda doňup.
Ynamyň puja çykyar,
Ynanaňda kä zada.
Dogryny gözlap gezýäň
Ýalňyşdyrýan dünýäde.
Aldanardym awuna,
Aklym azaşan çagy.
Umyt dolýar gursaga
Göremde beýik dagy.
Terk ederdim tenimi,
Kellam göçende, emma
Başaramok, bilýäňmi?
Meniň kalbymda Sen bar.

### ESERIM

Ähli maksatlardan beýikdesiň sen,
Näçe ömri saklaýarsyň gujakda.
Seniň kalbyň nirde?
Göresim gelýär,
Hem bilesim gelýär ýene sen hakda,
Heniz öwrenmedik zatlarmyň baryn,
Barym sen! Meň bagtym saňa baglanan
Galamda däl, görejimde çekýärin
Hemme zatdan beýik bolan keşbiňi.
Bir maksadym, artyk bolman hiç mahal,
Götermäge güýjüm ýetse keşgiňi,
Arzuwlarym ýyldyzlaryň sanyça,
Ýerdäki daş bagtdan daman damjalam.
Aý — ynanjym, ykbalymyň ýagtysy,
Güneş bolsa her gün dogýan daň çyram.
Şu zatlaryň baryn kalbyňa salyp,
Geregini gowşurýarsyň her kime.
Senden şeýle uly kalp bar nirede?
Aýtsana, aşyk men onuň reňkine.
Her säherde gözlerimi açamda,
Bu zatlary synlap-synlap bezikmen.
Meniň dünýä gelen ýerim, Watanym,
Bu älemde ähli zatdan beýik sen!

***

Bedeniň gagşapdyr, gowşapdyr salyň.
Kimiň derdi seni garratdy beýle?
Hatda meňkiçe-de ýok ýaly halyň,
Içini dökdümi nalyşly bende?
Senem syr saýdyňmy aýdanlaryny,
Göwünlik berdiňmi salkyn saýaňda?
Howurly ýüregiň oduna ýanyp,
Indem saklap otyrsyňmy aýaňda
Sary saman ýaly ýapraklaryňy?
Içine sygmadyk derdin üflände
Gussa boýadyňmy öz ykbalyňy?
Başyňy yraýaň, ýüzüňem az-kem
Hälkije bolşuňdan durlanan ýaly.
Men dözmedim seniň agyr halyňa,
Hatda bedeniňem dyrnalan ýaly...



### ÝÜREGE

Ne beýle dymma bolupsyň,
Aňşyramok sebäbini.
Ýene jogapsyz goýýarsyň
Bu irginsiz sowalymy.
Kimler saňa ak niýetde
Bakdy, özüňem bilýänsiň.
Kimler üçin garalama
Bolanyň üçin dymýarmyň?
Goý, özgeler gijeňlesin,
Täsirlere berme eliň.
Aýdaýsana ýekeje zat
Däl-ä sen ýaşmakly gelin.
Mundan öňä syrdaşdyk biz
Wepasyz boldummy ýa-da
Ýa-ha ýere çöküpsiň sen,
Ýa gaýyp ýörmüň howada.
Sözler seni eljiretmän
Wagtyňy egläp güýmäpdir.
Bilmänim üçin bagyşla.
Gelen geçen, ýakyn-u-ýat,
Saňa näçe çüý çüýläpdir.
Ünsem berme bu zatlara
Eý, on iki synamyň biri
Meni şu güne getirdiň
Hemem men seň bilen diri.

***

Gitse gelmez, ýok geler ol,
Gelmän gitjek ýeri nire
Oň ýoluny kesmese bor ýodalar,
Ýa ýolunda gurulmasa bir hile.
Ile ýamanlyk etmedi,
Şonda-da ol biçäräniň
Görmedigi görde galdy.
Dosty-ýary köp bolsa-da
Hossar çykan tapylmady.
Gözi gamdan doly wagty
Ýumdy gözi gapylmady.
Ýassyk ýoldaş boldy diňe
Ýer bagyrtlan pursatlary
Gursak doly...
Göterişýän ýok derdini
Dert üstüne dert goşýan köp,
Bilýäni bar, emma welin,
Adam tapmady aýdara.
Ne-hä ýaşap bilýär munda,
Ne bahana bar gaýdara.

***

Tümlük.
Ümsümlik.
Bethowen.

Çykjak bolýar telefonyň içinden
Günüme goýmaýar ýüregmiň sesi,
Berýän ýzasy.
Gözümden ýaş syrygmaýar ýaňagma,
Ýoluny üýtgetdi olam gör indi.
Ynam özün asdy ýalan ýüpünden.
Gözlerime garaňkylyk göründi.
Ýedi ölçelmedik meniň ýolumy
Gaýçy hem kesmesiz ýerinden kesdi.
Tesdi aýaklarym, barjak ýerine
baryp bilmez indi, näme etmeli?
Ýitmeli...

### ARZ

Kaka, kararsyz men soňky wagtlar,
Gijä galmak endigimden ýadadym.
Biraz durmuş tow beripdir, bekeşýän
Öňler-ä, bilýänsiň, gaty sadadym.
"Ýadadym" diýmäge baranok dilim,
Şadyýan bolmaga synanýan dine.
Öňler Gün doguşyn synlardym säher,
Soňky günler imrindim-de iňrige.
Göwnüme sygdyryp bilmediklerim
Bir seniň öňüňde açasym gelýär.
Ynan ähli zady taşlap käwagt
Hat-da wagtdanam gaçasym gelýär.

Uçasym gelýär meň uzak bir ýere
Men bagtly bolmaryn gülenim bilen
Gitmek bilen gutarmaýar ähli zat
Durmuş başlamandy gelenim bilen.

### DOST

Ýylgyraňda üşetmejek ýylgyryş
Ýüregiňe çekse üýtgeşik nagşy.
Her hal agyr oýlar gaplan mahaly,
Ýanyňda ýürekdeş dost bolsa ýagşy.
Görmezden gelmese ýuwudynaňda
Damagyňda daşa dönen sözleri.
Ugradan mahaly "Hoş gal" diýse-de,
Hiç ugratmak islemese gözleri.

**Gülnar GELDIMYRADOWA,**
**žurnalistika hünäriniň**
**V ýyl talyby.**



## Durmuşdan size!

# Ideýa — dünýäde iň gymmatly haryt



Asyl-a bu söz başymyz hökmünde ýazylan jümle meniňki däl. Şonuň üçin iň gymmatly harydyň ideýadygyna ikirjiňlenýänem. Şeýle-de bolsa Stiw Jobs nämä esaslanyp ideýany haryda meňzetdikä?! Soňlugy bilen bu jümle barada maglumat toplamaga başladym. Talyp deň-duşlaryma maslahat salyp gördüm. Pikir bilen ylalaşýanlar hem bar, ylalaşmaýanlaram, garşy çykýanlaram.

Indi bolsa näme üçin ideýanyň gymmatly haryt bolýandygyny seljereliň! Bu sowala jogap bermek üçin Stiw Jobsyň kim bolandygyny bilmegimiz gerek. Elbetde, köpimiz «Apple» kompaniýasynyň esaslandyryjysy diýip pikir edýän bolmagymyz mümkin. Stiw Jobs diňe bir «Apple» däl, «Pixar» we «Next» kompaniýalarynyň hem esaslandyryjysy, amerikaly telekeçi, oýlap tapyjy we işläp düzüji. Stiw Jobs öz döwründe ýokary tehnologi ýaly innowasion enjamlary oýlap tapypdyr. Ol heniz mekdep döwürlerinde hem tehniki serişdeler bilen gyzyklanypdyr. Stiwiň oýlap tapan tehniki serişdeleriniň ilkinjisi 13 ýaşynda, atdaş dosty Stiw Woznýak bilen işläp düzen «BlueBoks» atly tehnikasydyr. Stiw örän başarjaňdygyna garamazdan, ýetginjeklik ýyllarynyň käbir pursatlaryny çüýşe satyp geçiripdir. Soňra ol ABŞ-nyň kompýuter oýunlarynyň önümçiligi bilen meşgullanýan «Atari» atly kärhanada işläp başlaýar. Bu ýerde Jobs oýunlary işläp düzüpdir we kämilleşipdir. Ýyllaryň geçmegi bilen Jobs atdaş dosty bilen öz kompýuteriniň modelleriniň ilkinji görnüşlerini döredip başlaýar. Şol bir wagtda hem öz harytlaryny satmagy ýola goýýar. Onuň kompaniýasy bu günki günde şahsy kompýuterleri, akylly telefonlardyr sagatlary öndürýän dünýä meşhur kompaniýa öwrüldi. Ol, elbetde, «Apple» kompaniýasydyr. Stiw Jobs köpçüligiň aňynda «Apple» kompaniýasynyň döredijisi hökmünde ýer alan hem bolsa, döwürdeşleri ony çykyşlaryndaky meşhur jümleleri bilen has köp ýatlaýarlar.

Stiw Jobs çykyşlarynda adamlary kämillige ruhlandyrypdyr. Megerem, olaryň arasynda iň meşhury sözbaşymyzdaky ideýa hakynda aýdan sözi bolsa gerek: «Pul gerek bolan mahaly gazanjyň ugruna çykmagyň ýerine oturyp pikir ederdim. Ideýa — dünýäde iň gymmatly haryt». Üns berýän welin, ynsanlaryň köpüsi gazanç etmek üçin maksatsyz hereketler bilen çäklenýär. Bular geljegi hakynda pikirlenmeýänlerdir. Sebäbi olar nämedir bir zat hakda pikirlenmegi «biderek sarp edilen wagt» hasaplaýarlar. Ýöne geljegi hakda pikir ýöredýän we beýik derejelere ýetmegiň pikirini edýän adamlar üstünlige ýakyn bolýarlar. Şonuň üçin olaryň ilkinji göçümi diňe bir hereketden ybarat bolman, ilkinji nobatda, maksat tutunmakdyr.

Temadan daşlaşmalyň. «Pul gerek mahaly gazanjyň ugruna çykmagyň ýerine oturyp pikir ederdim» diýen jümlä esaslanyp, ýokarda belleýşimiz ýaly, maksadyň bolmaly. Bu ýerde-de maksat gazanç etmek, pul gazanmak. Siz diýip bilersiňiz: «Hereketiň netijesinde gazanç edýäris». Dogry, ýöne diňe bir gazanç etmek däl-de, köp girdejili gazanç etmek gerek. Biz öz öňümizde goýan maksadymyz hakda näçe köp pikir ýöretsek, netije şonça aýdyň bolýar. Pikir ýöretmämiz esasynda şol maksada ýetmegiň birnäçe usullary ýüze çykýar. Şeýlelikde, birnäçe netijeleriň haýsysynda köp gazanç edip boljakdygyny aňarsyňyz. Ýöne bir zat mälim. Şol netijeleriň islendigi bilen gazanç edip bilersiň. Şondan soň köp girdeji getirip biljek ideýa kemala gelýär.

Stiw Jobs ideýany haryt hökmünde görkezipdir. Häzirki wagtda Ýer ýüzünde maddy däl zatlaryň gymmaty artýar. Indi habarlar hem haryt hökmünde satylýar. Mahabat üçin aýdylýan sözler ýa haýsy ýerde mahabat etseň köp okaljakdygy ýa-da köp görüljekdigi hakyndaky pikirler hem harytlaryň sanawyna girizildi. Bularyň ählisi — ideýa. Şonuň netijesinde, maddy zatlara eýe bolýarys. Şeýlelikde, oýlap tapyjy Jobsyň ideýany haryt hökmünde görkezmegini makullaýarys. Unutmaň! Siziň ideýalaryňyz özüňiz üçin uly, Ýer ýüzi üçin kiçijik goşandyňyzdyr.

**Rejepgeldi ALLAMYRADOW,**
**žurnalistika hünäriniň V ýyl talyby.**



*Bagtly bolmak üçin, ýa-ha islegleriňi azaltmaly, ýa-da serişdäňi köpeltmeli.*

**Benjamin Franklin**



*Hemme zady bilmegiň zerurlygy ýok, ýöne sen özüňe nämäniň gerekdigini, ony nireden we nädip tapmalydygyny bilmelisiň.*

**Genri Ford**



*Bilmezlik aýyp we zyýanly däl. Her kim hemme zady bilip bilmeýär, ýöne bilmeýän zadyňy bilýän ýaly edip görkezjek bolmak aýyp we zyýanlydyr.*

**Lew Tolstoý**

# Döredijilik bäsleşiginiň jemi jemlendi

**Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen «Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasynyň bilelikde yglan eden ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda makala ýazmak boýunça «Döwrüň özgertmeleri— ýaş žurnalistleriň gözi bilen» atly döredijilik bäsleşiginiň jemi jemlendi.**

**«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda geçirilen bu bäsleşik Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda alnyp barylýan tutumly işleriň mynasyp waspyny ýetirýän, olary çeper beýan etmegi başarýan zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga, olaryň döredijilik başarnyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir.**

**Döredijilik bäsleşigi I we II derejeler boýunça geçirildi. I derejä žurnalistika hünärinde, II derejä bolsa beýleki hünärlerde okaýan talyplar gatnaşdy. Bäsleşige 150-ä golaý işler tabşyrylyp, eminler topary tarapyndan seljerilip, 21 awtoryň işi degişli orunlara mynasyp görüldi. Olar şu aşakdakylar:**

## I dereje boýunça

**1. Rejepgeldi ALLAMYRADOW,**
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň talyby 1-nji orun

**2. Aýlar ATAJYKOWA,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby 2-nji orun

**3. Akgyz ANNAÝEWA,**
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň žurnalistika hünäriniň talyby 2-nji orun

**4. Gyzylgül AMANLYÝEWA,**
Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň žurnalistika hünäriniň talyby 3-nji orun

**5. Yhlas HALLYÝEW,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyby 3-nji orun

**6. Žaloleddin BALTABAÝEW,**
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň bedenterbiýe fakultetiniň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby 3-nji orun

## II dereje boýunça

**1. Arslan MÄMMEDOW,**
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň rus dili we edebiýaty fakultetiniň pedagogika bilimi hünäriniň talyby 1-nji orun

**2. Nury SAKÇYÝEW,**
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba-hojalyk uniwersitetiniň oba-hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek fakultetiniň talyby 2-nji orun

**3. Batyr ILAMANOW,**
Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň hukuk fakultetiniň talyby 2-nji orun

**4. Akmaral HANDURDYÝEWA,**
Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyby 2-nji orun

**5. Çynar RAHMANOWA,**
Türkmen döwlet medeniýet institutynyň resminama we arhiw öwreniş taýýarlygy ugrunyň talyby 3-nji orun

**6. Aýbölek JUMAÝEWA,**
Myrat Garryýew adyndaky TDLU-nyň kesel bejeriş fakultetiniň Lukmançylyk-durmuş işi hünäriniň talyby 3-nji orun

**7. Ylham AMANTAGANOW,**
Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk institutynyň talyby, 3-nji orun

**8. Allaýar GURBANOW,**
Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň oba hojalygynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy taýýarlyk ugrynyň talyby 3-nji orun

**9. Firuza DOSÇANOWA,**
Türkmen oba hojalyk institutynyň agronomçylyk fakultetiniň agronomçylyk hünäriniň talyby 3-nji orun

**10. Gülaýym AKYNYÝAZOWA,**
Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby 3-nji orun

**11. Ogulgerek ATAÝEWA,**
Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň awtomatika we tehniki ulgamlarda dolandyryş hünäriniň talyby 3-nji orun

## Höweslendiriji

**1. Aýgül NAZARLYÝEWA,**
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň maglumat tehnologiýalary programmirleme fakultetiniň talyby

**2. Oguljeren KÄBÄÝEWA,**
Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby

**3. Kuwwat ÝOWBASAROW,**
Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň «kompozisiýa, saz öwreniş we fortepiano» fakultetiniň «sazşynaslyk» hünäriniň talyby

**4. Maksatgeldi GELDIÝEW,**
Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň «jemagat infrastrukturasy we inženerçilik ulgamlary» fakultetiniň «inžener ulgamlary we torlary hünäriniň» hünäriniň talyby

«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Akgyz ANNAÝEWA, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy), Rejepgeldi ALLAMYRADOW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com